«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň aýagyna çenli merjen paýtagtymyzda ýene-de birnäçe halkara sergilerdir maslahatlar geçiriler. Olaryň hatarynda «Türkmenistanyň nebiti we gazy — 2026», «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi», «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş — 2026» hem-de «Türkmentel — 2026» halkara çäreleri bar. Şolaryň dowamynda degişli ugurlarda iş alyp barýan döwlet edaralarydyr hususy düzümler daşary ýurtly kompaniýalardyr önüm öndürijiler bilen özara hyzmatdaşlygy ýola goýmaga mümkinçilik gazanar.

Bibihajar AKMÄMMEDOWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.

Biznes reklama

12.10.2026 | Duşenbe. | №41 (1451). | Hepdelik gazet. | Möçberi 16 sahypa. | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi.

№ 42 (1452) 2026-njy ýylyň
19-njy oktýabry, duşenbe



Arzuw Ustaýewa,
“Birža işi” taýýarlyk ugry, 1 ýyl talyp

Bäşinji mejlis üstünlikli geçirildi

Bäşinji mejlis üstünlikli geçirildi



13-14-nji oktýabrda paýtagtymyzda Hazarüsti ulag geçelgesiniň ösüşiniň çäklerinde ulag-logistika pudagy üçin hünärmenleri taýýarlamaga bagyşlanan «Merkezi Aziýada ýaşlaryň başarnygyny ösdürmek üçin dialog we hereket» («DARYA») atly sebit maksatnamasynyň Ýokary derejeli toparynyň V mejlisi geçirildi. «Arçabil» myhmanhanasynda geçirilen mejlis degişli ministrlikleriň goldawy bilen Ýewropanyň bilim gaznasy tarapyndan guraldy diýip, Ýewropa Bileleşiginiň Türkmenistandaky wekilhanasy habar beryär. Oňa Türkmenistanyň, Gazagystanyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Özbegistanyň hem-de Täjigistanyň wekiliýetleri, şeýle-de daşary ýurtly ilçiler gatnaşdylar.

Dabara gatnaşyjylar Merkezi Aziýa sebitinde ulag-ara-gatnaşyk, logistika, hyzmatdaşlygynyň möhümdigi, bu ugurlar boýunça ussat hünärmenleri taýýarlamak işleriniň dowamly alnyp barylmagynyň ähmiýeti dogrusynda belleldiler. Şeýle-de mejlisde sebit bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň Merkezi Aziýa ýurtlarynda bilim ulgamyny hem-de hünärmenleri taýýarlamagy kämilleşdirmegiň geljegi hakynda özara pikir alşyldy.

Arzuw USTAÝEWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.

Biznes reklama

12.10.2026 | Duşenbe. | №41 (1451). | Hepdelik gazet. | Möçberi 16 sahypa. | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi.

№ 42 (1452) 2026-njy ýylyň
19-njy oktýabry, duşenbe



Enejan Reýimowa,
“Buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit” taýýarlyk ugry, 1 ýyl talyp

Durnukly ösüşiň berk binýady

DÖWÜR WE ÖSÜŞ

Durnukly ösüşiň berk binýady

Sentýabr aýynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde beýleki ugurlar bilen bir hatarda, ýurdumyzyň ykdysady ösüşi we öňde duryan wezipeler maslahatlaşyldy. Umumymilli forum ösüş ýolunyň netijelerini seljermek, geljekki maksatlary kesgitlemek üçin möhüm ähmiýete eýe boldy.

Mejlisde ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşiniň bellenilen derejede saklanýandygy nygtaldy. Jemi içerki önümiň ösüşiniň ýylyň ahyryna çenli hem ýokary derejede saklanjakdygy bellenildi. Bu netije ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda önümçiligiň artmagy bilen gazanylýar. Ykdysady ösüş Türkmenistanyň Durmuş-ykdysady ösüşiniň Milli maksatnamasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Häzirki wagtda Diýarymyzda maýa goýum syýasatynyň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça zerur işler alnyp barylýar. Şu ýyl üçin degişli Döwlet maksatnamalary boýunça bölünip berilýän serişdeleriň göwrümi önümçilik we durmuş maksatly desgalaryň gurulmagyna we döwrebaplaşdyrylmagyna giň gerimli mümkinçilikler döreder. Önümçilik pudaklaryna gönükdirilýän maýa goýumlarynyň möçberi yzygiderli artdyrylar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ykdysadyýetimiziň ulag we aragatnaşyk, söwda, hyzmatlar we gurluşyk ýaly pudaklarynda ýokary depgin saklanýar. Senagat toplumynda we oba hojalygynda hem yzygiderli ösüş gazanylýar.

Maslahatda ykdysadyýetiň durnukly ösüşini üpjün etmek, önümçilik kuwwatlyklaryny doly peýdalanmak, täze iş orunlaryny döretmek, kiçi we orta telekeçiligi goldamak boýunça möhüm wezipeler kesgitlenildi.

Halk Maslahatynyň mejlisinde ykdysady ösüşiň netijeleriniň ara alnyp maslahatlaşylmagy ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ilerlemegine, halkymyzyň abadan durmuşynyň has-da ýokarlanmagyna bolan ygrarlylygyň dabaralanmasydyr.

Enejan REÝIMOWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR




Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.
Biznes reklama
12.10.2026 | Duşenbe. | №41 (1451). | Hepdelik gazet. | Möçberi 16 sahypa. | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi.

№ 42 (1452) 2026-njy ýylyň
19-njy oktýabry, duşenbe



Şirin Öwezberdiýewa,
“Bank işi” kafedrasynyň mugallymy

Konditer kärhanasy gerimini giňeldýär



10 Biznes reklama | 2026-njy ýylyň 19-njy oktýabry, duşenbe.

Telekeçilik

Konditer kärhanasy gerimini giňeldýär

Azyk senagaty pudagyny ösdürmek, ilaty ýurdumyzda öndürilýän ýokary hilli azyk önümleri bilen üpjün etmek ykdysadyýetimiziň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bu ugurda alnyp barylýan işlere türkmen telekeçileri hem mynasyp goşandyny goşýarlar. Bazarlarda we söwda merkezlerinde halka hödürlenýän azyk harytlarynyň agramly bölegi ýerli kärhanalaryň önümidir.

Sergileriň çäginde daşary ýurtly kärdeşlerimiz bilen özara tejribe alyşmagymyz işimizde kämilleşmäge ýardam berýär. Gatnaşan sergilerimizde kärhanamyzyň «Grilýaz» gatlakly kökesiniň «Iň gowy önüm – 2023», wanil tagamly «Ýürek» kökesiniň «Iň gowy önüm – 2024», «Balam» kökesiniň bolsa, «Iň gowy önüm – 2025» diýen baýraklara mynasyp bolmagy bizi guwandyrýar.

Gözüni dokundyrýan azyk önümleri öz söwda nokatlarymyzdan başga-da, daşary ýurtlaryň bazarlarynda hem uly islege eýedir. Ýokary hilli, ekologik taýdan arassa, bäsdeşlige ukyply, halka elýeter önümleri öndürýän hususy kärhanalaryň sany ýyl-ýyldan artýar. Bu bolsa hormatly Prezidentimiziň daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilikleri öz ýurdumyzda ýola goýmak we eksporta gönükdirmek bilen bagly telekeçileriň öňünde goýýan tabşyrygynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň alamatydyr. Özüniň taýýarlaýan önümleri bilen halk köpçüliginiň söýgüsini gazanan kärhanalaryň biri-de telekeçi Amandursun Begjanowanyň konditer önümçiligine ýöriteleşen kärhanasydyr.

2016-njy ýylda düýbi tutulandygyna garamazdan, «Balam» haryt nyşanly konditer önümleri häzirki wagtda uly abraýa eýe bolmagy başardy. Onuň öndürýän «Bitaraplyk», «Nowruz», «Ýürek», «Garagum», «Zaman» ýaly dürli miwe tagamly kökeleri, birnäçe görnüşli gatlaklylary, uly-kiçili şokolad pastalary Diýarymyzyň dürli künjeklerindäki söwda nokatlarynda alyjylaryň isleg önümleri hökmünde bellidir. Bularda başga-da, kärhana ýurdumyzda bellenilýän baýramçylyklar mynasybetli sargyt edilýän tortlaryň dürli görnüşiniň önümçiligi bilen hem meşgullanýar.

— *Maşgala işi hökmünde açylan bu önümçilik az wagtyň içinde ýurdumyzyň iň tanymal konditer kärhanalarynyň birine öwrüldi. Häzirki wagtda obadyr şäherlerimiziň dükanlarynyň ählisinde biziň önümlerimize duş gelmek bolýar. Indi birnäçe ýyldan bäri süýjülüklerimize daşary ýurtlaryň hem isleg artýar. Biz Russiýa, Gyrgyz Respublikasy, Gruziýa, Özbegistan we Owganystan ýaly ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk edýäris. Golaýda harytlarymyzy eksport etmek barada Gazagystan hem-de Hytaý Halk Respublikasy bilen şertnama baglanyşdyk. Ýakyn wagtda bu ýurtlara-da harytlarymyzyň eksporty ýola goýlar.*

«Balam» konditer kärhanasy 10 ýylyň içinde halkara derejesinde özüni ýokar etdirmegi başardy. Ýurdumyzda, şol sanda daşary ýurtlarda geçirilýän azyk harytlaryna bagyşlanan halkara sergilerine yzygider gatnaşýarys. Sergileriň çäginde daşary ýurtly kärdeşlerimiz bilen özara tejribe alyşmagymyz işimizde kämilleşmäge ýardam berýär. Gatnaşan sergilerimizde kärhanamyzyň «Grilýaz» gatlakly kökesiniň «Iň gowy önüm — 2023», wanil tagamly «Ýürek» kökesiniň «Iň gowy önüm — 2024», «Balam» kökesiniň bolsa, «Iň gowy önüm — 2025» diýen baýraklara mynasyp bolmagy bizi guwandyrýar.

Ýurdumyzda telekeçilik bilen meşgullanmaga döredip berýän giň mümkinçilikleri üçin Milli Liderimize hem-de hormatly Prezidentimize köp sagbolsun aýdýaryn. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tutýan tutumly işleri mundan beýläk-de rowaç bolmagyny arzuw edýärin — diýip, «Balam» konditer kärhanasynyň iş dolandyryjysy Jennet Hydyrowa buýsanç bilen gürrüň berdi.

Şirin ÖWEZBERDIÝEWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.

Biznes reklama

12.10.2026 | Duşenbe. | №41 (1451). | Hepdelik gazet. | Möçberi 16 sahypa. | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi.

№ 42 (1452) 2026-njy ýylyň
19-njy oktýabry, duşenbe



Gözel
Kadyrowa,

“Bank işi we pul dolanyşygy” taýýarlyk ugry, 2 ýyl talyp

Paýnamalary gymmatlaýar

Paýnamalary gymmatlaýar

«Microsoft» kompaniýasynyň paýnamalarynyň bahasy barha gymmatlaýar. Geçen hepdäniň başynda bolan «Nasdaq» biržasynda bu kompaniýanyň gymmatbahaly kagyzlarynyň hümmeti 1,8 göterim ýokarlanyp, 551,15 amerikan dollaryna ýetdi.

Kompaniýanyň paýnamalarynyň bahasy şu ýylyň iýun aýy bilen deňeşdirilende, 50 göterim gymmatlady. Beýle ösüş 2025-nji ýylyň 28-nji oktýabryndan bäri hasaba alynmandy. Şonda bir paýnamanyň bahasy 553,72 amerikan dollaryna barabar bolupdy. Häzirki wagtda «Microsoft» kompaniýasynyň bahasy 1,5 trillion amerikan dollaryna deň. Bu barada «Bloomberg» neşiri ýazýar.

Bilermenleriň bellemeklerine görä, kompaniýanyň paýnamalarynyň bahasy mundan beýläk-de gymmatlamak bilen bolar.



Taýýarlan: Gözel KADYROWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.

Biznes reklama

12.10.2026 | Duşenbe. | №41 (1451). | Hepdelik gazet. | Möçberi 16 sahypa. | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi.

№ 42 (1452) 2026-njy ýylyň
19-njy oktýabry, duşenbe



Rahman Seýitmyradow,
“Salgytlar we salgyt salmak” taýýarlyk ugry, 3 ýyl talyp

Startap satyn alar

Startap satyn alar

«Amazon» kompaniýasy «Decart» emeli aň startapyny satyn almak üçin gepleşikleri geçirip başlady. Bu barada «The Wall Street Journal» neşiri ýazýar. Bellenilişi ýaly, «Amazon» bu geleşigi amala aşyrmak üçin 7 milliard amerikan dollaryny harçlap biler.

Eger gepleşikler togtadylmasa ýa-da başga alyjy tapylmasa, ýakyn wagtda «Amazon» ady agzalan emeli aň startapyny satyn alar.

Şu ýylyň sentýabr aýynyň başynda bu startapy «Anthropic» satyn almak isläpdi. Emma kompaniýa soň bu pikirinden ýüz öwürdi diýip, «Bloomberg» neşiri ýazýar. Maglumatlara görä, eger şeýle geleşik amala aşan bolsa, onda «Anthropic» 6 milliard amerikan dollaryny harçlardy.

Taýýarlan: Rahman SEÝITMYRADOW,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.

Biznes reklama

12.10.2026 | Duşenbe. | №41 (1451). | Hepdelik gazet. | Möçberi 16 sahypa. | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi.

№ 42 (1452) 2026-njy ýylyň
19-njy oktýabry, duşenbe



Maýsa Annamyradowa,
“Maliýe menejmenti” taýýarlyk ugry, 1 ýyl talyp

Iň iri bank ösüşde



Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň iň iri banky «J.P.Morgan» 2026-njy ýylyň üçünji çärýeginde girdejisini 8 göterim, arassa peýdasyny 6 göterim artdyrdy.

Şu ýylyň iýul — sentýabr aýlarynda bankyň girdejisi 50,17 milliard amerikan dollaryna ýetdi. Onuň hasabat döwründäki arassa peýdasy 15,3 milliard amerikan dollaryna deň boldy.

Bankyň hasabat döwründäki arassa göterim girdejisi 13 göterim ýokarlanyp, 27,1 milliard amerikan dollaryna barabar boldy. Göterim däl girdeji bolsa 3 göterim artyp, 23,8 milliard amerikan dollaryna ýetdi. Çaklamalara görä, ýylyň ahyryna çenli bankyň göterim girdejisi 106,2 milliard amerikan dollaryna ýeter.

Ýeri gelende bellesek, «J.P.Morgan» bankynyň kapitaly 3,8 göterim ýokarlandy.

Taýýarlan: Maýsa ANNAMYRADOWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.

Biznes reklama

12.10.2026 | Duşenbe. | №41 (1451). | Hepdelik gazet. | Möçberi 16 sahypa. | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi.

№ 42 (1452) 2026-njy ýylyň
19-njy oktýabry, duşenbe



Selbi Orazowa,
“Maliýe gözegçiligi” taýýarlyk ugry, 1 ýyl talyp

Işgär sany boýunça öňe saýlanar

Işgär sany boýunça öňe saýlanar



Hytaýyň iri awtoulag kompaniýasy «BYD» onýyllygyň ahyryna çenli Ýewropadaky işgärleriniň sanyny 40 müňe ýetirmegi meýilleşdirýär. Bu barada «Bloomberg» neşiri kompaniýanyň wise-prezidenti Stella Liniň sözlerine salgylanyp ýazýar.

Şeýle-de ol ýakyn wagtda kompaniýanyň Günbatardaky işgärleriniň sanynyň 10 müňe ýetjekdigi barada mälim etdi. Hytaý awtoulag öndürijisi dürli pudaklarda zähmet çekýän hünärmenleri işe çagyrar. Netijede «BYD» sebitdäki esasy iş berijileriň birine öwrüler.

Häzirki wagtda kompaniýanyň Ýewropada hereket etjek ilkinji zawody Wengriýada gurulýar. Öňümizdäki ýyllarda kompaniýa sebitde, hususan-da, Fransiýada we Ispaniýada zawodlaryny gurmagy meýilleşdirýär.

Gerimiň giňeýändigine garamazdan, geçen hepde kompaniýanyň paýnamalarynyň bahasy 0,4 göterim arzanlady.

Taýýarlan: Selbi ORAZOWA
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.

Biznes reklama

12.10.2026 | Duşenbe. | №41 (1451). | Hepdelik gazet. | Möçberi 16 sahypa. | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi.

№ 42 (1452) 2026-njy ýylyň
19-njy oktýabry, duşenbe



Saparmyrat Batyrow,
“Töwekgelçilikleri dolandyrmak we ätiýaçlandyryş işi” taýýarlyk ugry, 1 ýyl talyp

Salahdan özboluşly netije



Konferensiýalar ligasynyň umumy tapgyrynyň 1-nji tapgyrynyň duşuşygynda Türkiýäniň «Trabzonspor» topary Finlýandiýanyň «KuPS» futbol klubuny 4:2 hasabynda utdy. Bu duşuşykda «Trabzonsporuň» düzüminde müsürli hüjümçi Mohamed Salah bir gol geçirdi we bir netijeli pas berdi.

Müsürli futbolçy ýewrokuboklaryň ählisinde: Ýewropa çempionlar ligasynda, Ýewropa ligasynda we Konferensiýalar ligasynda gol urmagy hem-de golly pas bermegi başaran taryhdaky ilkinji oýunçy boldy diýip, «Football Tweet» neşiri habar berýär.

Ýeri gelende bellesek, Mohamed Salah şu tomusda erkin agent hökmünde «Liwerpuly» terk edip, «Trabzonspora» geçipdi. Ol şu möwsümde türk klubunyň düzüminde 11 oýunda meýdança çykyp, 8 gol urdy we 4 gezek golly pas berdi.

Taýýarlan: **Saparmyrat BATYROW**,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.

Biznes reklama

12.10.2026 | Duşenbe. | №41 (1451). | Hepdelik gazet. | Möçberi 16 sahypa. | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi.

№ 42 (1452) 2026-njy ýylyň
19-njy oktýabry, duşenbe



Hajymyrat Agamyradow,
“Maliýe menejmenti” taýýarlyk ugry, 1 ýyl talyp

Maliýeleşdirmegiň möçberini artdyrar

Maliýeleşdirmegiň möçberini artdyrar

Halkara futbol federasiýasy (FIFA) 2027 — 2030-njy ýyllar aralygynda futboly maliýeleşdirmegiň möçberini 6,35 milliard amerikan dollaryna ýetirmek baradaky teklibi hödürledi. Bu barada guramanyň resmi saýtynda habar berildi.

Bu başlangyç 15-nji oktýabrda Şweýsariýanyň Sýurih şäherinde geçirilen FIFA-nyň Geňeşiniň mejlisinde öňe sürüldi. Maýa goýumlaryny köpeltmegi guramanyň ätiýaçlyk serişdeleriniň hasabyna amala aşyrmak teklip edilýär. Bu serişdeler, şol sanda 2026-njy ýyldaky dünýä çempionatyndan gelen girdejileriň hasabyna emele geldi.

Meýilnama görä, 211 sany milli futbol assosiasiýasynyň her biri 25 million amerikan dollaryna çenli serişde alyp biler. Goşmaça serişdeleri zenanlar we ýaşlar futbolyny, düzümleýin infrastrukturany hem-de uzakmöhletleýin taslamalary ösdürmäge gönükdirmek hem göz öňünde tutulýar.

Maksatnamanyň gutarnykly şertlerini 2026-njy ýylyň dekabr aýynda ylalaşmak meýilleşdirilýär.



Taýýarlan: Hajymyrat AGAMYRADOW,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.

Biznes reklama

12.10.2026 | Duşenbe. | №41 (1451). | Hepdelik gazet. | Möçberi 16 sahypa. | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi.

№ 42 (1452) 2026-njy ýylyň
19-njy oktýabry, duşenbe



Annamyrat Allaberdiýew,
“Maliýe gözegçiligi” taýýarlyk ugry, 2 ýyl talyp

ATP-de özgertmeler durmuşa geçiriler

ATP-de özgertmeler durmuşa geçiriler

ATP-niň prezidenti Andrea Gaudensi 2028-nji ýyla çenli durmuşa geçirilmegi meýilleşdirilýän özgertmeler barada habar berdi. Onuň bellemegine görä, «uly tuwulga» ýaryşlaryny hasaba almanyňda, tennisçilere tölenýän tölegleriň umumy möçberi 350 million amerikan dollaryna ýetiriler. Bu barada guramanyň resmi saýtynda habar berilýär.

ATP-niň iri ýaryşlara gatnaşyjylar üçin bonus gaznasy 21,5 million amerikan dollaryndan 50 million amerikan dollaryna çenli köpeldiler. Şonuň 25 milliony möwsümi dünýä reýtinginiň ilkinji 250 ornunda tamamlan türgenlere maddy goldaw hökmünde paýlanar. Ýene-de 30 million amerikan dollar bolsa her ýyl 300 tennisçi üçin pensiýa töleglerine gönükdiriler.

Mundan başga-da, özgertmeleriň çäklerinde Saud Arabystanynda «Masters» tapgyrynyň täze — onunjy ýaryşyny geçirmek meýilleşdirilýär.



Taýýarlan: Annamyrat ALLABERDIÝEW,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.

Biznes reklama

12.10.2026 | Duşenbe. | №41 (1451). | Hepdelik gazet. | Möçberi 16 sahypa. | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi.

№ 42 (1452) 2026-njy ýylyň
19-njy oktýabry, duşenbe



Geldimyrat Allanazarow,
“Maliýe gözegçiligi” taýýarlyk ugry,
2 ýyl talyp

Ýyly birinji ýerde jemlär

Ýyly birinji ýerde jemlär



Germaniýaly tennisçi Aleksandr Zwerew 2026-njy ýyly dünýäniň birinji raketka-sy hökmünde jemlär. Bu barada ATP-niň metbugat gullugy habar berdi.

A.Zwerewiň ýyly reýtingiň lideri hökmünde ta-mamlajakdygy iki ýagdaý esasynda wagtyndan öň belli boldy. Birinjiden, dünýä reýtinginde üçünji or-ny eýeleýän Karlos Alkaras Şanhaýdaky «Masters» ýaryşynyň üçünji tapgyrynda Zizu Bergsden 5:7, 6:7 hasaby bilen utuldy. Bu bolsa ispaniýaly tennis-çiniň ýylyň ahyryna çenli A.Zwerewden öňe geç-mek mümkinçiligini elden giderendigini aňladýar. Ikinjiden, reýtingiň häzirki öňdebaryjysy, italiýaly Ýannik Sinner dyzyndaky şikes sebäpli möwsümi möhletinden ozal tamamlandygyny yglan etdi.

Ýeri gelende bellesek, A.Zwerew «uly tuwul-ga» ýaryşlarynyň iki gezek çempiony hasaplanýar. Ol bu iki tituly 2026-njy ýylda hem («Rolan Garros» we «US Open») eýeledi.

Taýýarlan: **Geldimyrat ALLANAZAROW,**
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.

Biznes reklama

12.10.2026 | Duşenbe. | №41 (1451). | Hepdelik gazet. | Möçberi 16 sahypa. | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi.

№ 42 (1452) 2026-njy ýylyň
19-njy oktýabry, duşenbe



Ahmet Atageldiýew,
“Salgytlar we salgyt salmak” taýýarlyk ugry, 1 ýyl talyp

Dördünji baş tälimçi işden gitdi

Dördünji baş tälimçi işden gitdi

Italiýanyň A seriýasynda heniz 2026-2027-nji ýyllaryň möwsüminiň dörtden biri hem yzda galanok, emma muňa garamazdan, eýýäm dördünji tälimçi öz wezipesinden boşadyldy. Has takygy, liganyň 6-njy tapgyrynda «Atalantadan» 3:1 hasabynda ýeňlen «Wenesiýa» toparyň halypasy Žowanni Stroppany işden boşatdy. Şeýle karara gelinmegine toparyň möwsüme juda şowsuz başlamagy sebäp boldy. Maglumat üçin, «Wenesiýa» Stroppanyň golastynda geçirilen 6 oýnuň ählisinde ýeňlişe sezewar boldy.

Ýeri gelende ýatlatsak, «Wenesiýadan» ozal sentýabr aýynda «Fiorentina», «Bolonýa» we «Parma» klublary hem baş tälimçileri bilen hoşlaşypdylar. Sport neşirleriniň ýazmaklaryna görä, çempionatyň deslapky iki aýynda şeýle köp tälimçileriň işden aýrylmagy şu asyrda ilkinji gezek ýüze çykdy.



Taýýarlan: Ahmet ATAGELDIÝEW,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.

Biznes reklama

12.10.2026 | Duşenbe. | №41 (1451). | Hepdelik gazet. | Möçberi 16 sahypa. | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi.

№ 42 (1452) 2026-njy ýylyň
19-njy oktýabry, duşenbe



Eýýup Annaberdiýew,
“Işewürlik-informatika” taýýarlyk ugry, 2 ýyl talyp

«Formula-1» Afrika dolanýar

«Formula-1» Afrika dolanýar

«Formula-1» Ruandada Afrika Gran-prisini geçirmek barada şertnama baglaşylandygyny yglan etdi. Guramanyň metbugat gullugynyň habar bermegine görä, ylalaşyk 10 ýyl möhlete niýetlenendir. Tapgyry 2030-njy ýyllaryň başynda ýaryş tapgyrlarynyň senenamasyna girizmek meýilleşdirilýär. Afrikanyň çäginde «Formula-1-iň» Gran-pri tapgyry iň soňky gezek 1993-nji ýylda Günorta Afrika Respublikasynda (GAR) geçirilipdi.

KHBS-iň ýazmagyna görä, ýaryş ýoluny paýtagt Kigaliden, takmynan, 40 km uzaklykda, Bugesera halkara howa menziliniň ýanynda gurmak meýilleşdirilýär. Taslamany «Formula-1-iň» ozalky piloty Aleksandr Wurz tarapyndan düýbi tutulan «WurzDesign» kompaniýasy işläp düzdi.



Taýýarlan: Eýýup ANNABERDIÝEW,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.

Biznes reklama

12.10.2026 | Duşenbe. | №41 (1451). | Hepdelik gazet. | Möçberi 16 sahypa. | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi.

№ 42 (1452) 2026-njy ýylyň
19-njy oktýabry, duşenbe



Annageldi Bazarow,
“Işewürlik-informatika” taýýarlyk ugry, 1 ýyl talyp

Dünýä rekordyny täzeledi

Dünýä rekordyny täzeledi



Amerikaly türgen Gretçen Uolş 50 metr aralyga erkin usulda ýüzmek boýunça dünýä rekordyny täzeledi. Täze rekord ABŞ-nyň Wirjiniýa ştatynda geçirilen ýaryşda hasaba alyndy.

23 ýaşly türgen bu aralygy 22,75 sekuntda geçip, özüniň öňki dünýä rekordyndan hem ýokary netije görkezdi. Onuň öňki rekordy 22,83 sekunda deň bolup, 2024-nji ýylyň 15-nji dekabrynda Budapeştde geçirilen dünýä çempionatynda goýlupdy.

Gretçen Uolş 2024-nji ýylda Parižde geçirilen Olimpiýa oýunlarynyň iki gezek çempiony boldy. Ol şol ýaryşlarda iki altyn we iki kümüş medal gazandy.

Amerikaly suwda ýüzüji 2024-nji ýylyň dekabrynda Budapeştde geçirilen gysga aralyklara suwda ýüzmek boýunça dünýä çempionatynda hem üstünlikli çykyş edip, ýedi altyn medal eýeledi. Aýratyn bellenilmeli tarapy, şol çempionatda Uolş jemi 11 dünýä rekordyny täzeläpdi.

Taýýarlan: **Annageldi BAZAROW,**
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
— Häzirki wagtda Türkmenistan dünýä döwletleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýär. Ýer ýüzünde parahatçylygy, dost-doganlygy has-da pugtalandyrmak ugrunda giň gerimli işleri amala aşyrýar.

BAGTYÝARLYK DÖWRÜNIŇ NURY AŞGABAT

Aşgabat

ESASLANDYRYJYSY — AŞGABAT ŞÄHERINIŇ HÄKIMLIGI

№ 43 (10376) 2026-njy ýylyň 22-nji oktýabry, penşenbe.

№ 43 (10376) 2026-njy ýylyň 22-nji oktýabry, penşenbe



Arslan Nyýazow,
“Daşary ýurt dilleri” kafedrasynyň mugallymy

Gözelligiň göwheri

GÖZELLIGIŇ GÖWHERI

Eziz Watanymyzyň gözel paýtagty Aşgabat Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen beýik ösüşlere, şan-şöhrata eýe boldy. Aşgabadyň birnäçe täsin binalarynyň Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilmegi Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan şäher-gurluşyk-binagärlik taslamalarynyň üstünlikli amala aşyrylýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Bu döwrebap asylly işler häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilýär. Ak mermerden gurlan ýaşaýyş jaýlaryny, edara-kärhanalary, mekdeplerdir çagalar baglaryny, okuw binalaryny göreniňde, gözüň dokunýar.

Aşgabadyň ajaýyplygy, arassalygy, abadançylygy watançylyk buýsanjymyzy belende göterýär. Aşgabatda şähergurluşyk maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi ulgamlaýyn we toplumlaýyn häsiýete eýe bolup, ol paýtagtyň çäklerini giňeltmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini düýpli döwrebaplaşdyrmak hem-de şäher düzümine iň täze innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak ýörelgelerine esaslanýar. Paýtagtymyz ajaýyp binagärlik sungaty hökmünde dünýäde uly abraýa, şan-şöhrata eýe bolýar. Gözel paýtagtymyzda «Arkaç», «Älem», «Berkarar», «Bagtyýarlyk», «Aşgabat» söwda-dynç alyş merkezleri, Arkadag, «Aşgabat», «Ylham» ýaly ençeme seýilgähleriň, dürli maksatly desgalaryň açylyp ulanylmaga berilmegi Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalarynyň netijesinde ýurdumyzda gurmak, döretmek babatdaky işleriň ýokary depginde alnyp barylýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda sebitde deňi-taýy bolmadyk, öňdebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün edilen 400 orunlyk Halkara sagaldyş-dikeldiş, şeýle hem 250 orunlyk Halkara fiziologiýa ylmy-kliniki merkezleri häzirki wagtda halkymyzyň egsilmez buýsanjyna öwrüldi.

Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen paýtagtymyzyň demirgazyk künjeginde bina edilen we ýakynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň gatnaşmagynda açylyp ulanylmaga berlen Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkezi paýtagtymyzyň binagärlik dürdäneleriniň sanyny artdyrdy. Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, bu merkezde lukmançylyk hyzmatlaryny dünýäniň öňdebaryjy saglyk merkezleri bilen hyzmatdaşlyk etmek arkaly amala aşyrmak, onkolog lukmanlarynyň hünär kämilligini ýokarlandyrmak, kliniki ordinatorlary, ylmy işgärleri taýýarlamak boýunça okuwlary guramak häzirki döwrüň möhüm wezipeleri hökmünde kesgitlenendir. Munuň özi ýurdumyzyň iň ýokary gymmatlygy bolan ynsan saglygyny goramaga möhüm ähmiýet berilýändigini şertlendirýär. Şonuň üçin-de paýtagtymyzyň ajaýyplygy, arassalygy, abadançylygy ähli raýatlaryň watançylyk buýsanjyny has-da belende göterýär.

Dünýä bileleşiginiň ünsüni özüne çekýän Aşgabat şäherini has-da gülledip ösdürmek hormatly Prezidentimiziň uzak möhletleýin geljegi nazarlaýan şähergurluşyk syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Paýtagtymyzyň häzirki zaman keşbinde Watanymyzyň durmuş-ykdysady taýdan okgunly ösüşi, onuň köpugurly mümkinçilikleri, halkymyzyň baý taryhy we medeni däpleriniň beýany aýdyň şöhlelenýär. Aşgabat özüniň gaýtalanmajak owadanlygy bilen görenleriň kalbynda ýatdan çykmajak ajaýyp täsirleri galdyrýar.

Arslan NYÝAZOW,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR



№ 43 (4627) 2026-njy ýylyň 23-nji oktýabry, anna



Meret Meredow,
“Buhgalterçilik hasaba alnyşy” kafedrasynyň uly mugallymy

Dostana döwletleriň dialogy

DOSTANA DÖWLETLERIŇ DIALOGY

Dünýä döwletleri bilen giň gerimli, birek-biregiň bähbitlerinden ugur alnýan gatnaşyklary çuňlaşdyrmak Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň Azerbaýjan Respublikasynyň paýtagty Baku şäherinde geçirilen Aziýada hyzmatdaşlygy we ynanyşmagy berkitmegiň çäreleri Geňeşiniň VII sammitinde eden çykyşy hem Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň dünýä sary uzaýan dost-doganlyk ýollarynyň umumadamzat bähbitlerinden ugur alýandygyny nobatdaky gezek subut etdi.

Sebitde durnuklylygy, parahatçylygy üpjün etmek bilen baglanyşykly tagallalary birleşdirmegi göz öňünde tutýan ilkinji ýokary derejedäki geňeşi 2002-nji ýylyň 4-nji iýunynda Almaty şäherinde geçirilen Aziýada hyzmatdaşlygy we ynanyşmagy berkitmegiň çäreleri Geňeşi sebit döwletleriniň 29-syny özüne birleşdirýär. Ýokary derejeli duşuşyklary her dört ýyldan geçirilýän Geňeşe Garaşsyz Diýarymyz 2021-nji ýylda syngçy döwlet hökmünde goşuldy.

Aziýada hyzmatdaşlygy we ynanyşmagy berkitmegiň çäreleri Geňeşiniň «Aziýada arabaglanyşyk, sanlylaşdyrma we durnukly ösüş» şygary astynda Bakuwda geçirilen VII sammitinde hem yklymyň ýurtlarynyň ykbalynyň gowulyga tarap özgermegine gönükdirilen wajyp meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Türkmen wekiliýetiniň syýasy, ykdysady, ekologiýa, ynsanperwer, şeýle hem täze wehimlere garşy durmak ýaly esasy bäş ugry öz içine alyp, köptaraplaýyn we köpugurly dialog üçin amatly meýdança bolup durýan bu Geňeşe gatnaşmagy sebit we halkara gün tertibiniň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmakda ýurdumyzyň köptaraply dialog ýörelgelerine üýtgewsiz ygrarlydygynyň subutnamasydyr. Munuň şeýledigini hormatly Prezidentimiziň sammitde eden çykyşyndaky: «Türkmenistan Aziýada hyzmatdaşlygy we ynanyşmagy berkitmegiň çäreleri Geňeşiniň alyp barýan işine uly ähmiýet berýär hem-de onuň maksatlaryny we ýörelgelerini yzygiderli goldaýar. Syngçy döwlet hökmünde ýurdumyz Aziýada köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy giňeltmäge gönükdirilen netijeli başlangyçlary hem-de teklipleri ilerletmäge mundan beýläk-de goşant goşmaga taýýardyr» diýen sözleri hem subut edýär.

Dostlukly Azerbaýjanyň paýtagtynda geçirilen ýokary derejedäki halkara forumda yklymda ösüşlere gönükdirilen özgerişlikleri amala aşyrmak bilen baglanyşykly täze-täze ýollaryň ugurlary barada pikir alşyldy. Umuman, dialoga esaslanýan şeýle duşuşyklar, maslahatlar sebitiň ýurtlarynyň öňünde dürli ugurlardaky mümkinçilikleri açyp goýýar. Muňa ulag-logistika, durnukly energetika, ekologiýa we howanyň üýtgemegine garşy durmak ýaly ulgamlarda hyzmatdaşlygy ösdürmek ugurlaryny mysal getirmek bolar. Geňeşde syngçy döwlet bolmak bilen, Türkmenistanyň bu meýdança ynanyşykly gatnaşyklaryň netijeli guraly hökmünde garaýandygyny hormatly Prezidentimiz öz taryhy çykyşynda hem belläp geçdi. Türkmenistan Aziýada hyzmatdaşlygy we ynanyşmagy berkitmegiň çäreleri Geňeşiniň sammitiniň çäklerinde ulag-logistika hyzmatdaşlygyny diwersifikasiýalaşdyrmaga, ekologiýa meselelerini çözmäge, daşky gurşawy goramaga we suw serişdelerinden netijeli peýdalanmaga, ynsanperwer hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen başlangyçlary öňe sürdi. Hormatly Prezidentimiziň beýan eden teklipleri Türkmenistanyň Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek we ählumumy abadançylygy üpjün etmek üçin dünýä jemgyýetçiliginiň tagallalaryny birleşdirmäge çalyşýandygynyň nobatdaky subutnamasy boldy.

Ýurdumyzyň ösüşlerini gün-günden belent sepgitlere ýetirip, halkara abraýyny artdyrmaklyga gönükdirilen tutumlary yzygiderli amala aşyrýan hormatly Prezidentimize, Gahryman Arkadagymyza berk jan saglygyny, uzak ömür, ykballary özgerdýän başlangyçlaryna rowaçlyk arzuw edýäris.

Meret MEREDOW,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy.

RADIOÝAÝLYMLARDAKY ÇYKYŞLAR

20.09.2026 ý.
Almanar Ýazberdiýewa
“Watan” radioýaýlymy
Hormatly Prezidentimiziň Azerbaýjan we Ermenistan döwletlerine saparlarynyň ähmiýeti barada



21.09.2026 ý.
Nurgözel Myratdurdyýewa
“Watan” radioýaýlymy
Hormatly Prezidentimiziň Azerbaýjan we Ermenistan döwletlerine saparlarynyň ähmiýeti barada



22.09.2026 ý.
Gültäç Annamämmedowa
“Watan” radioýaýlymy
Hormatly Prezidentimiziň Azerbaýjan we Ermenistan döwletlerine saparlarynyň ähmiýeti barada



GAZANYLAN NETIJELER



Näzik Pälwanowa,
“Işewürlik-informatika” taýýarlyk ugry, 4 ýyl talyp



Güljeren Köşiliýewa,
“Işewürlik-informatika” taýýarlyk ugry, 4 ýyl talyp



Oguljennet Meredowa,
magistr

Ýol: Araşewa O.



The Ministry of Education of Turkmenistan
International University for the Humanities and Development

2nd Hackathon Competition “Turkmen Women Tech-2026” 29th September-1st October

GRAND PRIZE

Team from Turkmen State Institute of Finance

Palvanova Nazik
Koshiliyeva Guljeren
Meredova Oguljennet

Under Mentoring: Arashova Ogulsapdy

Rector M.Kuliyeva

GAZANYLAN NETIJELER



Myratgeldi Amannyýazow,
“Işewürlik-informatika” taýýarlyk ugry, 4 ýyl talyp



Babajan Ataýew,
“Maliýe gözegçiligi” taýýarlyk ugry, 3 ýyl talyp



Azat Aşyrmuhammedow,
“Maliýe gözegçiligi” taýýarlyk ugry, 3 ýyl talyp



Seýran Çaryýew,
“Maliýe bazarlary we banklar” taýýarlyk ugry, 4 ýyl talyp



Ýazmyrat Gurdow,
“Işewürlik-informatika” taýýarlyk ugry, 1 ýyl talyp

Ýol: Araşewa O.



TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMEN DÖWLET YKDYSADYÝET WE DOLANDYRYŞ INSTITUTY

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň
“Bäsleşige ukyply milli önümçilikleri döretmek, milli markalarymyzy bütindünýä bazaryna netijeli çykarmak hem-de sanly tehnologiýalary önümçilige siňdirip, halkara söwda gatnaşyklaryny giňeltmek ykdysady kuwwatymyzy görkezýän esasy amallardyr”

diýen sözlerinden ugur alyp, milli önümlerimizi dünýä bazarlarynda mynasyp tanatmagyň ylmy taýdan seljermelerini beýan etmek maksady bilen, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş instituty tarapyndan 2026-njy ýylyň 30-njy sentýabrynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilen “**Milli brend – Global ädim**” atly hakatonyna gatnaşyp,

Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyplar topary:

1. Amannyýazow Muhammetgeldi
2. Ataýew Babajan
3. Aşyrmuhammedow Azat
4. Çaryýew Seýran
5. Gurdow Ýazmyrat

II derejeli
DIPLOM
bilen sylaglanýarlar

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Rektory B. Taňryberdiýew



TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMEN DÖWLET YKDYSADYÝET WE DOLANDYRYŞ INSTITUTY

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň
“Bäsleşige ukyply milli önümçilikleri döretmek, milli markalarymyzy bütindünýä bazaryna netijeli çykarmak hem-de sanly tehnologiýalary önümçilige siňdirip, halkara söwda gatnaşyklaryny giňeltmek ykdysady kuwwatymyzy görkezýän esasy amallardyr”

diýen sözlerinden ugur alyp, milli önümlerimizi dünýä bazarlarynda mynasyp tanatmagyň ylmy taýdan seljermelerini beýan etmek maksady bilen, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş instituty tarapyndan 2026-njy ýylyň 30-njy sentýabrynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilen “**Milli brend – Global ädim**” atly hakatonyna gatnaşan talyplar toparyna ýolbaşçylyk eden

Türkmen döwlet maliýe institutynyň Maglumat tehnologiýalary kafedrasynyň uly mugallymy

ARAŞEWA OGULSAPDY ÖWEZMYRADOWNA


MINNETDARLYK HATY
bilen sylaglanýarlar

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Rektory B. Taňryberdiýew

GAZANYLAN NETIJELER



Röwşen Kuwadow,
“Bedenterbiýe” kafedrasynyň müdiriniň w.ý.ý., uly mugallym






GAZANYLAN NETIJELER



Azat Aşyrmuhammedow,
“Maliýe gözegçiligi” taýýarlyk ugry, 3 ýyl talyp




TÜRKMENISTANYŇ
BILIM MINISTRLIGI

HORMAT HATY

Garaşsyz Watanymyza, türkmen halkyna, Hormatly Prezidentimize çyn ýürekden wepaly, ruhubelent, giň gözýetimli, kämil bilimli, maksadaokgunly, häzirki zaman tehnologiýalaryndan oňat baş çykarýan, ýokary okuw mekdeplerиniň zehinli talyplaryny ýüze çykarmak hem-de höweslendirmek maksady bilen geçirilen «Ýylyň talyby – 2026» Döwlet bilim bäsleşigine işjeň gatnaşandygy üçin Türkmen döwlet maliýe institutynyň 2-nji ýyl talyby Azat Aşyrmuhammedow sylaglanýar.

Türkmenistanyň Bilim ministri J. Gurbangeldiýew

Aşgabat şäheri,
2026-njy ýylyň 19-njy iýuny

GAZANYLAN NETIJELER



Begjanowa Emine,

“Maliýe bazarlary we banklar” taýýarlyk ugry, 1 ýyl talyp





AŞGABAT ŞÄHERINIŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY BAŞ MÜDIRLIGI

HORMAT HATY

Sportuň ýaýdan nyşana ok atmak görnüşi boýunça Aşgabat şäheriniň açyk kubogynda 2006-2009-njy ýylda doglan gyz türgenleriň arasynda 18-metr aralyga Nusgawy ýaýdan çykyş edip, şahsy görnüşinde 2-nji ýeri eýelän

Begjanowa Emine

SYLAGLANÝAR

Aşgabat şäheri
« 20 » 09 2026 ý.

Aşgabat şäheriniň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň başlygy
T.Döwletow



AŞGABAT ŞÄHERINIŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY BAŞ MÜDIRLIGI

HORMAT HATY

Sportuň ýaýdan nyşana ok atmak görnüşi boýunça Aşgabat şäheriniň açyk kubogynda 2006-2009-njy ýylda doglan we uly ýaşly türgenleriň arasynda 18-metr aralyga Nusgawy ýaýdan çykyş edip, garyşyk görnüşinde 3-nji ýeri eýelän

Begjanowa Emine

SYLAGLANÝAR

Aşgabat şäheri
« 20 » 09 2026 ý.

Aşgabat şäheriniň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň başlygy
T.Döwletow



AŞGABAT ŞÄHERINIŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY BAŞ MÜDIRLIGI

HORMAT HATY

Sportuň ýaýdan nyşana ok atmak görnüşi boýunça Aşgabat şäheriniň açyk kubogynda 2006-2009-njy ýylda doglan türgenleriň arasynda 18-metr aralyga Nusgawy ýaýdan çykyş edip, toparlaýyn görnüşinde 3-nji ýeri eýelän

Begjanowa Emine

SYLAGLANÝAR

Aşgabat şäheri
« 20 » 09 2026 ý.

Aşgabat şäheriniň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň başlygy
T.Döwletow

GAZANYLAN NETIJELER



Begjanowa Emine,

“Maliýe bazarlary we banklar” taýýarlyk ugry, 1 ýyl talyp





TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI

HORMAT HATY

2026-njy Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany ýylynyň 28-29-njy sentýabry aralygynda sportuň ýaýdan nyşana ok atmak görnüşi boýunça 2006-2009-njy ýylda doglan türgenleriň arasynda Türkmenistanyň kubogynda 18-metr aralyga Nusgawy ýaýdan çykyş edip toparlaýyn görnüşinde 3-nji ýeri eýeläp

Begjanowa Emine

SYLAGLANÝAR

Başlyk A.Saparow

Aşgabat şäheri
28-29 sentýabr 2026ý



TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI

HORMAT HATY

2026-njy Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany ýylynyň 28-29-njy sentýabry aralygynda sportuň ýaýdan nyşana ok atmak görnüşi boýunça 2006-2009-njy ýylda doglan türgenleriň arasynda Türkmenistanyň kubogynda 18-metr aralyga Nusgawy ýaýdan çykyş edip garyşyk görnüşinde 3-nji ýeri eýeläp

Begjanowa Emine

SYLAGLANÝAR

Başlyk A.Saparow

Aşgabat şäheri
28-29 sentýabr 2026ý

GAZANYLAN NETIJELER



Begjanowa Emine,
“Maliýe bazarlary we banklar” taýýarlyk ugry, 1 ýyl talyp





AŞGABAT ŞÄHERINIŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY BAŞ MÜDIRLIGI

TURKMENISTAN SPORT

HORMAT HATY

Sportuň ýaýdan nyşana ok atmak görnüşi boýunça Aşgabat şäheriniň açyk çempionatynda 2006-2009-njy ýylda doglan türgenleriň arasynda 18-metr aralyga Nusgawy ýaýdan çykyş edip, toparlaýyn görnüşinde 2-nji ýeri eýeläp

Begjanowa Emine

SYLAGLANÝAR

Aşgabat şäheri
« 04 » 10 2026 ý.

Aşgabat şäheriniň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň başlygy
T.Döwletow

GAZANYLAN NETIJELER



Begjanowa Emine,

“Maliýe bazarlary we banklar” taýýarlyk ugry, 1 ýyl talyp





TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI

HORMAT HATY

2026-njy Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany ýylynyň 16-18-nji oktýabry aralygynda sportuň ýaýdan nyşana ok atmak görnüşi boýunça 2006-2009-njy ýylda doglan türgenleriň arasynda Türkmenistanyň çempionatynda 18-metr aralyga Nusgawy ýaýdan çykyş edip toparlaýyn görnüşinde 3-nji ýeri eýeläp

Begjanowa Emine

SYLAGLANÝAR

Başlyk _____ A.Saparow

Aşgabat şäheri
16-18 oktýabr 2026ý.



TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI

HORMAT HATY

2026-njy Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany ýylynyň 16-18-nji oktýabry aralygynda sportuň ýaýdan nyşana ok atmak görnüşi boýunça 2006-2009-njy ýylda doglan türgenleriň arasynda Türkmenistanyň çempionatynda 18-metr aralyga Nusgawy ýaýdan çykyş edip garyşyk görnüşinde 3-nji ýeri eýeläp

Begjanowa Emine

SYLAGLANÝAR

Başlyk _____ A.Saparow

Aşgabat şäheri
16-18 oktýabr 2026ý.



ÜNS BERENIŇIZ ÜÇIN SAG BOLUŇ!